# Bolsam

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bolsam BOLSAM

Ýalançyda hergiz bolmaz armanym,
Eýesine gulluk eýländen bolsam.
Derdim bolmaz islemäge dermanym,
Dert bilen dermany saýlandan bolsam.

Haka bendi bolup Resul ymmata,
Dogry berjaý kylyp parzy sünneti,
Taňrym halanyna berer jenneti,
Islegim Taňrysy halandan bolsam.

Edep bilen piriň ýanyna baran,
Gollaryn gowşuryp gullukda duran,
Ýaşlary hormatlap nesihat beren,
Hemde ulusyny sylandan bolsam.

Il günüň hoşlugyn arzuwlap gezen,
Gaýgysyn paýlaşyp degende hazan,
Ýagşysyn taryplap destanda ýazan,
Guwanç bilen toýun toýlandan bolsam.

Är ýigitler el uzatmaz ýalaga,
Ynam etmez keç gerdişli pelege,
Aç bolsa namarda barman dilege,
Päk zähmetden günün aýlandan bolsam.

Mert bolup köňlüne menlik getirmän,
Döwlete daýanman özün ýitirmän,
Adamzat ähline şerin ýetirmän,
Haýryň ummanynda boýlandan bolsam.

Gapysy açykdyr myhmany söýen,
Gysganman baryndan öňünde goýan,
Kesbini harlaman zähmetden iýen,

Halaly haramdan saýlandan bolsam.

Gylyjy kast etmän iýen duzuna,
Ýansa bişse ýoksuzlygyň közüne,
Gaýgysyn hasratyn saklap özüne,
Hoşlugyn iline paýlandan bolsam.